MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com ATAVATAN TÜRKMENISTAN NOÝABR AÝYNYŇ 29-y, 2025. №44

# TÜRKMENISTAN HALKARA BITARAPLYK GÜNÜNE TAÝÝARLYK GÖRÝÄR



Iki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn özgertmeleri kanunçylyk taýdan üpjün etmek, milli kanunçylygy döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Şeýle hem milli parlamentiň şu ýylyň 22-nji noýabrynda geçirilen on birinji maslahatynyň netijeleri barada aýdyldy. Maslahatyň dowamynda Türkmenistanyň baş maliýe resminamasyna we dürli ugurlara degişli kanunlaryň taslamalaryna garaldy. Şunuň bilen baglylykda, Mejlisiň Başlygy hormatly Prezidentimize "Türkmenistanyň 2026-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna gol çekip berendigi üçin hoşallyk bildirdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow "Karz edaralary we bank işi hakynda", "Auditorçylyk işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunlaryna hem-de "Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, halkara standartlar esasynda, ýurdumyzyň bank edaralarynda ýyllyk maliýe hasabatlaryna audit barlaglaryny geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, dünýäniň abraýly halkara auditor kompaniýalarynyň sanawyna girýän we tejribeli daşary ýurt auditor kompaniýalaryny saýlap almak maksady bilen, Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky, Döwlet daşary ykdysady iş banky, "Daýhanbank", "Türkmenistan" döwlet täjirçilik banklary, "Türkmenbaşy", "Halkbank", "Senagat", Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banklary tarapyndan audit barlaglary boýunça halkara bäsleşikleri geçirmek meýilleşdirilýär.

*Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.*

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow "Türkmennebit" döwlet konserni tarapyndan nebitiň çykarylýan möçberini artdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, konsern tarapyndan ýurdumyzyň nebitli känlerinde hem-de meýdançalardaky guýularda nebitiň çykarylyşyny artdyrmak üçin degişli işler geçirilýär. "Uzynada" käninde täze burawlanan ulanyş guýularynda geçirilen işleriň netijesinde gazkondensat akymy alyndy we ol umumy nebit geçiriji ulgama birikdirilip, uglewodorod çig malynyň goşmaça möçberi kabul edilip başlandy. Munuň özi bu käniň geljeginiň uludygyny we nebitiň çykarylýan möçberini artdyrmakda örän ähmiýetlidigini aýdyň görkezýär.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Täze ýyl baýramyna taýýarlyk görmegiň çäklerinde Aşgabat şäherinde ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, täze – 2026-njy ýyly mynasyp garşylamak hem-de baýramçylyk çärelerini ýokary derejede geçirmek maksady bilen, paýtagtymyzda taýýarlyk işleri, hususan-da, şäheriň esasy medeniýet ojaklarynda, şaýollarynda, dynç alyş seýilgählerinde, medeni-köpçülikleýin çäreleriň geçiriljek ýerlerinde Täze ýyl arçalaryny bezemek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem "Älem" medeni-dynç alyş merkeziniň öňünde gurnaljak Baş arçany, onuň daş-töweregini bezemek boýunça degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew söwda toplumy tarapyndan Halkara Bitaraplyk güni hem-de Täze ýyl baýramy mynasybetli görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, şu ýylyň 5-nji dekabryndan başlap ýurdumyzyň welaýatlarynda hem-de Aşgabat, Arkadag şäherlerinde ýerleşýän söwda merkezlerinde, bazarlarda, dükanlarda baýramçylyk söwdalaryny amala aşyrmak, göçme söwda nokatlaryny gurnamak göz öňünde tutulýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň dekabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň we açylyp ulanmaga beriljek medeni-durmuş maksatly binalaryň Tertibi barada hasabat berdi.

Nygtalyşy ýaly, geljek aýyň dowamynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Halkara Bitaraplyk güni, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli maslahatlary, sergileri, döredijilik duşuşyklaryny, wagyz-nesihat çärelerini, aýdym-sazly dabaralary geçirmek meýilleşdirilýär. 12-nji dekabrda bolsa «Abadançylyk» we Bitaraplyk binalaryna gül goýmak dabaralarynyň, medeniýet we sungat ussatlarynyň baýramçylyk konsertiniň, ýurdumyzyň welaýatlaryndaky «Türkmeniň ak öýi» binalarynda baýramçylyk konsertleriniň, Bitaraplyk binasynda şanly sene mynasybetli baýramçylyk konsertiniň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Dekabr aýynyň dowamynda Nebitgaz senagaty we geologiýa işgärleriniň güni mynasybetli baýramçylyk çäresiniň, estrada, höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň arasynda yglan edilen «Ýylyň parlak ýyldyzy» atly bäsleşigiň jemleýji tapgyrynyň geçirilmegi meýilleşdirilýär. 31-nji dekabrda paýtagtymyzdaky «Älem» medeni-dynç alyş merkezinde, Arkadag şäherindäki «Arkadag Binasynyň» öňündäki meýdançada, welaýatlardaky «Türkmeniň ak öýi» binalarynyň öňündäki baýramçylyk meýdançalarynda Täze ýyl teleköprüsiniň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýnsanperwer ugur boýunça işleýän edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmek meseleleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, BMG bilen strategik hyzmatdaşlygy ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Döwlet Baştutanymyzyň goldaw bermeginde Birleşen Milletler Guramasy we onuň düzüm birlikleri bilen gatnaşyklar ikitaraplaýyn resminamalar esasynda ulgamlaýyn alnyp barlyp, dürli ugurlar boýunça taslamalar amala aşyrylýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew ýurdumyzyň demir ýol ulagy pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýük we ýolagçy teplowozlaryny düýpli abatlamak babatda ýerine ýetirilýän işleriň çäklerinde daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi pudagyň ýük dolanyşygynyň, ýolagçy gatnawynyň, üstaşyr ulag mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna ýardam berer.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## Türkmenistan "Ýewropa Bileleşigi – Merkezi Aziýa" 3-nji ykdysady forumyna gatnaşdy




Daşkentde Ýewropa Bileleşigi – Merkezi Aziýa" atly 3-nji Ykdysady forumy geçirildi. Bu forum bilelikdäki çözgütleri işläp düzmek we sebit dialogyny güýçlendirmek üçin esasy platforma hökmünde öz ähmiýetini ýene bir gezek tassyklady. Çärä 32 ýurduň wekilleri gatnaşdy. Ýewropa Bileleşiginiň wekiliýetine Ýewropa komissarylary Ýozef Sikela we Marta Kos ýolbaşçylyk etdiler. ●4

## Türkmen kinosy «Göwher kebelek» kino baýragyna mynasyp boldy




Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň hemaýat we goldawlary bilen surata düşürilen «Kompozitor» çeper filmi Russiýada ilkinji gezek geçirilen «Göwher kebelek» kino baýragyna mynasyp boldy. ●5

## BMG-de täze Baş sekretary saýlamak işi başlandy



BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi we Baş Assambleýasy bilelikdäki hat taýýarlap, Bütindünýä guramasynyň täze Baş sekretaryny saýlamak işine badalga berdiler. Bu resminamany noýabr aýynda Howpsuzlyk Geňeşiniň başlyklygyny ýerine ýetirýän Sýerra-Leonanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň metbugat gullugy ýaýratdy. ●6

# Türkmenistanyň Prezidenti Gazagystanyň ýokary döwlet sylagy bilen sylaglandy



Gazagystan Respublikasyna döwlet saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda ýokary derejeli gepleşikler geçirildi. Döwlet Baştutanymyzyň dostlukly ýurda şu gezekki sapary iki doganlyk halkyň taryhyň dowamynda emele gelen umumylygyna daýanýan özara gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň ýolunda möhüm ädimdir.

Gazagystanyň Prezidenti döwlet Baştutanymyzy mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip Gazagystana gelendigi üçin hoşallygyny beýan etdi we hormatly Prezidentimiziň şu gezekki döwlet saparynyň däp bolan dostlukly gazak-türkmen gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň ýolunda möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri esasynda ösdürilýändigini hem-de syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky hyzmatdaşlygyň giň ugurlaryny öz içine alýandygyny nygtady. Bu ugurlaryň her biri boýunça hyzmatdaşlyk gurallary – hökümetara topary, ugurdaş iş toparlary we beýleki utgaşdyryjy düzümler üstünlikli hereket edýär. Bu düzümler ozal gazanylan ylalaşyklary netijeli durmuşa geçirmäge, bilelikdäki başlangyçlary ilerletmäge ýardam berýär.

Saparyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Gazagystan Respublikasynyň iň ýokary sylagy – "Altyn Kyran" ordeni bilen sylaglamak dabarasy boldy.

Dabaranyň dowamynda Prezident Kasym-Žomart Tokaýew Türkmenistanyň durmuş-ykdysady kuwwatyny, halkara abraýyny, döwlet gurluşyny yzygiderli berkitmekde görnükli döwlet işgäri we parasatly ýolbaşçy hökmünde hormatly Prezidentimiziň aýratyn ornuny nygtady. "Siz türkmen halkynyň Milli Lideri, çuňňur hormatlanylýan Arkadag Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň geljegi nazarlaýan strategik ugruny mynasyp dowam etdirýärsiňiz. Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Türkmenistan ykdysady taýdan okgunly ösýär, ýurduňyzda senagat we ulag infrastrukturasy işjeň döwrebaplaşdyrylýar, döwletiň en-ergetika kuwwatyny pugtalandyrmak, ony tehnologik taýdan özgertmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Siziň öňdengörüjilikli başlangyçlaryňyz netijesinde doganlyk Türkmenistanda giň gerimli, durmuş ugurly taslamalar yzygiderli durmuşa geçirilýär. Ylym-bilim ulgamy ösdürilýär, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesi ýokarlandyrylýar. Bu üstünlikleriň ählisi tüýs ýürekden hormata we iň ýokary baha mynasypdyr" diýip, gazak Lideri belledi.

Hormatly Prezidentimiz Gazagystan Respublikasynyň iň ýokary sylagy bilen sylaglanylandygy üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe we Gazagystanyň ähli doganlyk halkyna minnetdarlyk bildirip, bu sylaga türkmenistanyň halkyna goýulýan ýokary hormatyň nyşany, halklarymyzy asyrlaryň dowamynda baglanyşdyryp gelýän berk dostlugyň we hoşniýetli goňşuçylygyň subutnamasy hökmünde garaýandygyny aýtdy.

Şeýle hem ýokary derejedäki gepleşikleriň dowamynda Bilelikdäki Beýannama gol çekmek hem-de ikitaraplaýyn resminamalary alyşmak dabarasy boldy. Hemmeleriň el çarpyşmalary astynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow we Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew Bilelikdäki Beýannama gol çekdiler. Soňra ikitaraplaýyn resminamalar alşyldy. Iki ýurduň arasynda resminamalaryň uly toplumyna gol çekildi.

Iki ýurduň döwlet Baştutanlary metbugat wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler. Gepleşikleriň dowamynda sebit we halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça iki ýurduň garaýyşlarynyň ýakyndygy ýa-da gabat gelýändigi tassyklanyldy. "Sebit we ählumumy derejede durnuklylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin biz türkmen tarapy bilen mundan beýläk-de ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge taýýardyrys. Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklaryna, şeýle hem Hazar deňziniň meselesi boýunça hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýär. Gazagystan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çäklerinde Türkmenistan tarapyndan geçirilýän çärelere ýokary baha berýär" diýip, gazak Lideri belledi we Gazagystan Türkmenistanda ýokary okuw mekdepleriň biriniň şahamçasyny açmak mümkinçiligine seretmegi teklip edýär" diýip aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz metbugat wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz Gazagystana ikinji gezek döwlet sapary bilen gelýändigini aýtdy. Munuň özi iki tarapyň hem hyzmatdaşlygyň möhüm ähmiýetine düşünýändigini, Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga taýýardygynyň aýdyň güwäsidir.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow saparynyň çäklerinde "Alem.AI" halkara emeli aň merkezine baryp gördi. "Alem.AI" emeli aň tehnologiýalaryny, bilimi we innowasiýalary ösdürmek maksady bilen döredilen halkara emeli aň merkezidir. Ol Astana şäherinde ýerleşip, Gazagystany ýokary tehnologiýalar ulgamynda öňdäki orunlara çykarmaga gönükdirilen strategik taslamalaryň biri bolup durýar.

# Aşgabat-Astana: Merkezi Aziýada täze sanly ýollar dörediler

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Gazagystan Respublikasyna amala aşyran döwlet saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň aragatnaşyk ministri Hajymyrat Hudaýgulyýew bilen Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministriniň orunbasary – emeli intellekt we sanly ösüş ministri Žaslan Madiýewiň we wise-ministr Doszhan Musaliýewiň arasynda ikitaraplaýyn duşuşyk geçirildi.

Taraplar hyzmatdaşlygyň giň ugurlaryny, şol sanda sanly ykdysadyýeti we elektron hökümeti ösdürmek, halkara maglumat üstaşyr geçirijilik ukybyny artdyrmak, emeli intellekt ulgamynda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak, "Kazpoçta" (Gazagystanyň Poçtasy) AT arkaly sanly söwdanyň geljegi, kosmos pudagynda özara hereket etmek, şeýle hem Gazagystanyň Almatydaky ESKATO-nyň goldawy bilen Durnukly Ösüş üçin Sebit sanly çözgütler merkezini döretmek baradaky başlangyjyny goldamak meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Taraplar Gazagystanyň we Türkmenistanyň telekommunikasiýa ulgamlarynyň halkara çatrygyny guramak taslamasyna aýratyn üns berdiler. Bu, iki döwletiň ulgamlarynyň arasynda göni we ygtybarly birikmäni döretmäge gönükdirilen möhüm infrastruktura başlangyjydyr.

Taslama Temirbaba (Gazagystan) – Bekdaş (Türkmenistan) böleginde ýerasty süýümli-optiki aragatnaşyk liniýasyny gurmagy göz öňünde tutýar. Bu liniýany durmuşa geçirmek sebitiň üstaşyr kuwwatyny güýçlendirip, halkara aragatnaşyk kanallarynyň geçirijilik ukybyny artdyrar we Merkezi Aziýada täze sanly ýollary döretmäge mümkinçilik berer.

Saparyň çäklerinde "TNS-Plus" (Gazagystan) BÝJ bilen "Türkmentelekom" (Türkmenistan) kompaniýasynyň arasynda ähtnama gol çekildi. Resminama kabel serhet geçelgesini gurmak we iki ýurduň magistral telekommunikasiýa ulgamlaryny birleşdirmek baradaky ylalaşygy berkidýär.

Taslamany durmuşa geçirmek üçin bilelikdäki iş topary döreder. Ol geljekki liniýanyň tehniki ölçeglerini, döwlet serhedini kesip geçýän nokadyny kesgitlär we taslama resminamalaryny taýýarlar.



Esasy gurluşyk işleriniň ähtnama gol çekilenden soň 12 aýyň dowamynda tamamlanmagyna garaşylýar.

Bu taslama möhüm döwletara derejesine eýedir: ol Gazagystan bilen Türkmenistanyň ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparynyň teswirnamasyan girizildi we degişli edaralar derejesinde syýasy goldaw tapdy. Onuň durmuşa geçirilmegi sebitiň sanly baglanyşygyny ep-esli ýokarlandyryp, telekommunikasiýa ulgamynda hyzmatdaşlygy güýçlendirer we iki döwletiň arasyndaky halkara aragatnaşyk hyzmatlarynyň hilini täze derejä çykarar.

# Türkmenistan-Gazagystan: özara söwdanyň möçberi 1 milliard dollara ýetiriler

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Hojamyrat Geldimyradow bilen Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministriniň orunbasary – Milli ykdysadyýet ministri Serik Žumangarin duşuşyk geçirdi.

Gazak wise-premýeri Türkmenistanyň Merkezi Aziýada Gazagystanyň möhüm hyzmatdaşdygyny belledi. Soňky bäş ýylyň içinde haryt dolanyşygy dört esse artdy; soňky iki ýylyň dowamynda



özara söwda durnukly $500 milliondan ýokary boldy. Döwlet Baştutanlary tarapyndan goýlan maksat – haryt dolanyşygyny $1 milliarda ýetirmek – orta möhletli geljekde amalaşdyrylyp bilinjek we hakyky maksat bolmagynda galýar.

Gepleşikleriň aýratyn bir bölegi özara oba hojalyk önümleriniň söwdasyna bagyşlandy. 2025-nji ýylyň 9 aýynda Gazagystanyň Türkmenistana eksporty $221.7 milliona ýetdi, esasan hem senagat, oba hojalyk we gaýtadan işlenen önümleriň iberilmegi hasabyna. 2025-nji ýylda unyň, ösümlik ýaglarynyň we beýleki gaýtadan işlenen harytlaryň iberilişiniň artmagy netijesinde eksport ösmegini dowam etdirdi.

Eksportda agrosenagat önümleriniň paýy durnukly 30% -den ýokary. Gazagystan bugdaý ununy, günbakaryň ýagyny, bugdaýy, makaron önümlerini, margarini, çaý konsentratlaryny iberýär.

Serik Žumangarin eksport möçberlerini artdyrmagy we agrosenagat önümleriniň hatarynyň giňeltmegi teklip etdi, olaryň hatarynda bugdaý, mekgejöwen, noýba, soýa tohumy, günbakaryň ýagy, un, şeker we beýleki önüm görnüşleri bar.

Türkmenistandan import hem artýar: 2025-nji ýylyň 9 aýynda $141.9 milliona ýetdi. Tebigy gazdan başga-da, miweler we gök önümler iberilýär. 2025-nji ýylda pomidoryň iberilmegi 30 müň tonnadan geçdi we Türkmenistandan importyň düzüminde ähmiýeti boýunça ikinji orny eýeledi.

Ulag-logistika taslamalaryny ösdürmäge aýratyn üns berildi. Hojamyrat Geldimyradow Hyrat bilen serhetde gury portuň gurluşygyna başlanandygy barada habar berdi we Gazagystana bu taslama goşulmagy teklip etdi.

Taraplar Gazagystan – Türkmenistan – Owganystan – Pakistan üstaşyr geçelgesini döretmegiň geljegini, şol sanda Hyrat – Turgundy demir ýol liniýasynyň gurluşygyny hem ara alyp maslahatlaşdylar.

Serik Žumangarin we Hojamyrat Geldimyradow ulag, söwda we logistika gatnaşyklaryny ösdürmek, biznes üçin goşmaça mümkinçilikler döretmek we ýurtlaryň arasyndaky integrasiýany giňeltmek boýunça işleri dowam etdirmäge niýetlerini tassykladylar.



# Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky haýyr-sahawat gaznasynyň Awazada şahamçasy açylar

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow dekabr aýynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek "Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: durnukly ösüşiň bähbidine halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek" atly halkara maslahata görülýän taýýarlyk işleriniň ýagdaýy bilen tanyşmak üçin Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyrdy. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde 2025-nji ýylyň "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýlip yglan edilmegi we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda döredilen, türkmen halkynyň Milli Lideri tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän guramaçylyk döwlet toparynyň nobatdaky iş maslahatyny geçirdi.

***Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy öňde boljak halkara çäreleriň ýokary guramaçylykda geçirilmeginiň uly ähmiýetiniň bardygyny nygtady. Munuň özi hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk baýramyny belleýän Türkmenistanyň dünýäniň syýasy giňişligindäki abraýynyň mundan beýläk-de belende galmagyny üpjün eder. Şu maksat bilen, ähli meýilleşdirilen çäreleriň anyk maksatnamalarynyň taýýarlanylmalydygyny, her bir çäräniň häzirki döwrüň talabyna laýyk derejedäki meýilnamasynyň düzülmelidigini aýdyp, Milli Liderimiz bu babatda degişli düzümleriň bilelikdäki tagallalarynyň ýola goýulmalydygyna ünsi çekdi.***

Gahryman Arkadagymyz, ilki bilen, Hazaryň ajaýyp kenarynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň şahamçasynyň döredilmegi teklip edilýän ýere geldi.

Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidentleri R.Bazarowa we O.Atabaýewa ýüzlenip, halkara maslahatyň öňüsyrasynda gaznanyň şahamçasynyň açylyş dabarasyny ýokary derejede geçirmek babatda maslahatlaryny berdi. Munuň özi Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň taryhy ähmiýetli wakalarynyň üstüni ýetirer hem-de gaznanyň işini köptaraply esasda alyp barmaga mümkinçilik döreder. Şunda bu işleriň halkymyzyň asyrlaryň dowamynda döreden ynsanperwer ýörelgeleriniň döwrüň ruhuna kybap derejede ösdürilmeginde ähmiýetlidigine üns çekildi.

Häzirki döwürde haýyr-sahawat gaznasy diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, halkara giňişlikde-de ynsanperwer ýörelgeleri esasy ugur edinýän düzüme öwrüldi. Munuň özi ýaş nesilleriň sagdyn ösüşi bilen baglanyşykly meseleleriň oňyn çözülmegine döwlet derejesinde ähmiýet berilýändiginiň aýdyň nyşanydyr. Soňky ýyllarda gaznanyň serişdeleriniň hasabyna bejergi alan çagalaryň saglygy dikeldildi. Munuň özi ýurdumyzda adamlaryň, aýratyn-da, ösüp gelýän ýaş nesilleriň saglygy baradaky aladanyň hormatly Prezidentimiziň durmuş ugurly syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolmagynda galýandygyny görkezýär.

Gahryman Arkadagymyz gaznanyň şahamçasynyň ýerleşjek binasynyň ýanaşyk ýerleriniň göwnejaý abadanlaşdyrylmagyna, bu künjekde gök zolaklaryň, bagy-bossanlygyň döredilmegine ähmiýet berilmelidigini belledi we bu işleriň talabalaýyk ýerine ýetirilmeginiň Awazanyň çäklerindäki ekologik ýagdaýyň has-da gowulanmagyna öz täsirini ýetirjekdigini aýtdy.

# Oguljahan Atabaýewa Bütindünýä çagalar güni mynasybetli dabaralara gatnaşdy

Häzirki wagtda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň degişli düzümleri bilen işjeň hyzmatdaşlyk saklaýar. BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Ilat gaznasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, Çagalar gaznasy bilen hyzmatdaşlyk hakynda resminamalaryň 26-syna gol çekildi we olaryň çäklerinde her ýyl dürli taslamalar durmuşa geçirilýär.

Bütindünýä çagalar güni – bu BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1954-nji ýylda (836 (IX) belgili karary) kabul eden hem-de 1956-njy ýyldan başlap ähli ýurtlarda baýram edilmegi maslahat beren baýramydyr. Paýtagtymyzyň "Olimpiýa" şäherçesiniň Tennis toplumynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) guramagynda Bütindünýä çagalar güni mynasybetli dürli dabaralar geçirildi. Oňa Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa gatnaşdy.

Aşgabat şäherimizdäki häzirki zaman "Olimpiýa" şäherçesiniň Tennis toplumynda Bütindünýä çagalar güni mynasybetli "Bitaraplyk we ynsanperwerlik: inklýuziw gelejegiň bähbidine hemmetaraplaýyn goldaw" atly dabaraly çäre guraldy.

Çäräniň guramaçylary hökmünde Türkmenistanyň ynsanperwer ugurda alyp barýan işiniň möhüm gatnaşyjylarynyň biri bolan Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) çykyş etdi.

Tennis toplumynyň foýesinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň, Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF), ýurdumyzyň saglyk, bilim we jemgyýetçilik guramalarynyň tematiki sergileri ýaýbaňlandyryldy. Olarda ýurdumyzda ýaş nesliň ylymly-bilimli hem-de sagdyn ulalmaklary ugrunda edilýän giň gerimli işler aýdyňlygy bilen görkezilýär.

Bütindünýä çagalar gününiň dabarasyna Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratna, BMG-niň Türkmenistanda hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenko, ýurdumyzdaky daşary ýurtlaryň ilçileri, halkara we sebit guramalarynyň wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, ýurdumyzyň saglyk, ylym-bilim we jemgyýetçilik edaralarynyň wekilleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdy. "Ata Watan Media" topary hem bu dabaraly çäre çagyryldy.

Gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa ilki bilen ýaýbaňlandyrylan sergi bilen tanyşdy. Soňra Tennis toplumynda geçirilen dabara gatnaşyp, ol ýerde çykyş etdi.

Gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti öz çykyşynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň esasy maksadynyň çagalaryň saglygyny goramak, olaryň bilim almaklygyna ýardam bermek hem-de durmuş üpjünçiligi meselelerine goldawy amala aşyrmak bolup durýandygyny belledi.

Dabaranyň çäklerinde çagalaryň medeni we sport görkezme çykyşlaryna tomaşa edildi. Şeýle hem dabara gatnaşan çagalara Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan sowgatlar gowşuryldy.

Mälim bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen döredilen Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy çagalara, hususanda, ene-atasynyň howandarlygyndan jyda düşen çagalara hemmetaraplaýyn kömek berýär. Häzirki wagta çenli gaznanyň serişdeleriniň hasabyna 700-den gowrak çaga lukmançylyk operasiýalary geçirildi. Şeýle hem onuň ýanynda çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi we inklýuziw çagalar bagy hereket edýär. Diňe şu ýylyň özünde merkezde 900-e golaý çaga bejergi aldy.









# Türkmenistanyň paýtagtynda Abu-Dabiniň milli nebit kompaniýasynyň (ADNOC) edarasy açyldy

Aşgabatda Abu-Dabiniň milli nebit kompaniýasynyň (ADNOC) edarasynyň dabaraly açylyşy boldy.

«ADNOC» Birleşen Arap Emirlikleriniň iň iri halkara nebit kompaniýasydyr. Türkmenistan bütindünýä energiýa elýeterliligini üpjün etmek we durnukly ösüşi ilerletmek boýunça wezipäni amala aşyrýan jogapkär ähliumumy ýolbaşçy hökmünde «ADNOC» bilen energetika hyzmatdaşlygyny yzygiderli pugtalandyrýar.

Kompaniýanyň edarasy paýtagtymyzyň täze, zynatly «Arkaç» atly işewürlik merkezinde ýerleşdi. Dabaraly çärä «Türkmennebit» döwlet konserniniň ýolbaşçysy G.Agajanow, Birleşen Arap Emirlikleriniň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ahmed Alhameli, birnäçe diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary, işewürlik düzümleriniň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Nebitgaz ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde biziň ýurdumyz ynam we özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan ýakyn işewür gatnaşyklary ýola goýmaga aýratyn ähmiýet berýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan energetika pudagyny ösdürmek we eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak maksady bilen öňdebaryjy tehnologiýalary, innowasion çemeleşmeleri we dünýäniň iň gowy tejribesini ornaşdyrmagy wajyp hasaplaýar.

Şu ýyl «ADNOC» kompaniýasy Türkmenistandaky işini pugtalandyrdy: kompaniýa «Petronas» kompaniýasy, «Türkmengaz» we «Türkmennebit» döwlet konsernleri bilen bilelikde Hazar deňzindäki «Blok 1»-ni özleşdirmek boýunça strategiki Ylalaşygy baglaşdy.

BAE-niň Türkmenistandaky ilçisi Ahmed Alhameliniň açylyş dabarasynda belleýşi ýaly, Aşgabatdaky edarasy diňe bir giňelýän hyzmatdaşlygyň däl, eýsem, durnukly geljege we hyzmatdaşlyga bolan umumy garaýşyň hem nyşanydyr.








# Türkmenistan “Ýewropa Bileleşigi – Merkezi Aziýa” 3-nji ykdysady forumyna gatnaşdy

Daşkentde “Ýewropa Bileleşigi – Merkezi Aziýa” atly 3-nji Ykdysady forumy geçirildi. Bu forum bilelikdäki çözgütleri işläp düzmek we sebit dialogyny güýçlendirmek üçin esasy platforma hökmünde öz ähmiýetini ýene bir gezek tassyklady. Çärä 32 ýurduň wekilleri gatnaşdy. Ýewropa Bileleşiginiň wekiliýetine Ýewropa komissarlary Ýozef Sikela we Marta Kos ýolbaşçylyk etdiler.

Türkmenistan döwletimize bu möhüm forumda Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministriniň orunbasary B.Ýalakowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet gatnaşdy.

Bellenilişi ýaly, umumy we ykdysady sessiýalaryň dowamynda ykdysady hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň, ykdysadyýetleriň durnuklylygyny we biri-biriniň üstüni ýetirijiligini ýokarlandyrmagyň, şeýle hem maýa goýum, söwda, infrastruktura we innowasiýa ugurlarynda amaly hyzmatdaşlygy giňeltmegiň esasy ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ýewrokomissar Sikela Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa sebiti bilen hyzmatdaşlygynyň, jemi $12$ milliard ýewro bolan “Global Gateway” maýa goýum bukjasynyň çäklerinde durmuşa geçirilýän dört sany esasy ugry bällep geçdi. Bular ulag-logistika pudagy, möhüm çig maly gazyp almak we gaýtadan işlemek, sanlylaşdyrmagy ösdürmek, şeýle hem-de energetika we howa meselelerine baglylykda suw serişdelerini dolandyrmak. Soňky ýedi ýylda özara söwdanyň göwrümi dört esse ýokarlanyp, 54 milliard ýewro ýetdi. Bu bolsa ykdysady gatnaşyklaryň güýçlenmeginiň, söwdanyň diwersifikasiýalaşmagynyň we sebitde Ýewropa işewürliginiň has giňelmeginiň aýdyň netijesidir.

Ýewropa maliýe institutlarynyň goşandy hem aýratyn bellenilip geçildi: diňe Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş Banky 2024-nji ýylda Merkezi Aziýa 2,26 milliard ABŞ dollaryny gönükdirdi.






Forumyň netijeleri boýunça dürli ugurlardaky, şol sanda ekologiýa, irrigasiýa, geomaglumatlar, kadalaşdyryş meseleleri we beýleki ugurlar boýunça alty sany hyzmatdaşlyk resminamasyna gol çekildi. Baglaşylan ylalaşyklar bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek, tejribe alyşmak hem-de degişli edaralaryň, bilermen düzümleriniň we işewür toparlarynyň arasynda amaly gatnaşygy çuňlaşdyrmak üçin esas döredýär.

26-njy noýabrda Daşkentde tamamlanan “Ýewropa Bileleşigi – Merkezi Aziýa” ykdysady forumy üçünji gezek geçirildi. Ilkinji gezek şeýle çäre 2021-nji ýylda Bişkekde, soňra 2023-nji ýylda Almatyda geçirilipdi.

# Türkmenistan TÜRKSOÝ-yň medeniýet ministrleriniň mejlisine gatnaşdy

Gazagystan Respublikasynyň medeniýet we maglumat ministri Aida Balaýewanyň başlyklyk etmeginde Aktauda TÜRKSOÝ agza ýurtlaryň medeniýet ministrleriniň 42-nji mejlisi geçirildi.

Duşuşykda Gabalada (Azerbaýjan) geçirilen Türki Döwletleriň Guramasynyň XII sammitindäki jemleýji resminamalar we Prezidentleriň tabşyryklary ara alnyp maslahatlaşyldy, şeýle hem TÜRKSOÝ guramasynyň işini 2026-njy ýyl üçin kämilleşdirmek boýunça iş toparyny döretmek hakynda karar kabul edildi.






Şunuň bilen birlikde, «Aktau – türki dünýäsiniň medeni paýtagty» ýylynyň netijeleri jemlendi. Aida Balaýewa öz çykyşynda «Aktau – türki dünýäsiniň medeni paýtagty» ýylynyň çäklerinde giň gerimli işleriň durmuşa geçirilendigini belledi.

Mejlise gatnaşyjylara TÜRKSOÝ-yň Baş sekretary Sultan Raýew gutlag sözi bilen ýüzlendi. Ol öz çykyşynda guramanyň bu ýyl üç müňden gowrak artistiň gatnaşmagyny üpjün edendigini, ýüzlerçe neşir we sanly materiallary çap edendigini aýtdy.

## ANDIJAN – TÜRKI DÜNÝÄSINIŇ MEDENI PAÝTAGTY

Ahyrynda, Aida Balaýewa 2026-njy ýylda Andijan şäherine türki dünýäsiniň medeni paýtagty derejesiniň berilmegi sebäpli TÜRKSOÝ-yň wagtlaýyn utgaşdyryjysynyň ygtyýarlyklaryny Özbegistanyň kärdeşi Ozodbek Nazarbekowa gowşurdy. Duşuşygyň netijesi TÜRKSOÝ-a agza ýurtlaryň Jarnamasynyň kabul edilmegi boldy.

Mejlise Gyrgyzystanyň medeniýet, maglumat we ýaşlar syýasaty ministriniň orunbasary Askaraly Madaeminow, Gazagystan Respublikasynyň medeniýet we maglumat ministri Aida Balaýewa, TÜRKSOÝ-yň Baş sekretary Sultan Raýew, Türkmenistanyň medeniýet ministri Atageldi Şamyradow, Özbegistanyň medeniýet ministri Ozodbek Nazarbekow, Azerbaýjanyň medeniýet ministriniň orunbasary Murad Guseýnow, Türkiýäniň medeniýet we syýahatçylyk ministriniň orunbasary Serdar Çam, şeýle hem Mangystau welaýat häkiminiň orunbasary Tlegen Abişew gatnaşdylar.

Türki medeniýetleriň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) esasy maksady türki döwletleriň arasynda medeni hem-de ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

# Türkmenistan bilen Katar söwda hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirer

Katar Döwletiniň Söwda-senagat edarasynyň birinji wise-başlygy Muhammed bin Ahmed bin Twar Al Kuwari Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň başlygy Mergen Gurdow we onuň ýanyndaky wekiliýet bilen duşuşdy. Duşuşyga Katar Söwda-senagat edarasynyň dolandyryjy geňeşiniň agzasy Dr. Muhammed bin Jawhar Al Muhammed hem gatnaşdy.

Duşuşykda ikitaraplaýyn ykdysady we söwda gatnaşyklary we olary ösdürmegiň ýollary ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem, Türkmenistanyň we Kataryň söwda-senagat edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlyga, şeýle-de 2010-njy ýylda gol çekilen türkmen-katar bilelikdäki işewürlik geňeşini döretmek baradaky ylalaşygy işjeňleşdirmek boýunça tagallalara seredildi. Geňeşiň maksady iki ýurduň işewür toparlarynyň arasyndaky gatnaşyklary güýçlendirmek we Katar hem-de Türkmenistanyň hususy pudaklaryna ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde has uly rol oýnamaga mümkinçilik bermekdir.



Katar tarapy iki dostlukly ýurduň arasyndaky berk gatnaşyklara ýokary baha berip, öz tarapyndan Türkmenistandaky maýa goýum şertleri we mümkinçilikleri, şeýle hem katarly maýadarlar üçin amatly geljegi uly pudaklar bilen gyzyklanýandygyny aýtdy.

Ol Kataryň Söwda-senagat edarasynyň iki ýurduň hususy pudaklarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy güýçlendirmegi goldaýandygyny we katarly işewürleri türkmen kärdeşleri bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýmaga höweslendirýändigini tassyklady.

Öz gezeginde, Mergen Gurdow Katar bilen Türkmenistanyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklaryň ösdürilýändigini belläp, iki söwda-senagat edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürip, iki ýurduň işewür toparlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlyga oňyn täsir etjekdigine ynam bildirdi. Ol şeýle hem katarly işewürleri Türkmenistana baryp görmäge we ol ýerdäki maýa goýum mümkinçiliklerini öwrenmäge çagyrdy.

# Türkmen kinosy «Göwher kebelek» kino baýragyna mynasyp boldy

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň hemaýat we goldawlary bilen surata düşürilen «Kompozitor» çeper filmi Russiýada ilkinji gezek geçirilen «Göwher kebelek» kino baýragyna mynasyp boldy.






«Göwher kebelek» atly Açyk Ýewraziýa kino baýragy meşhur rus režissýory Nikita Mihalkowyň başlangyjy bilen döredilip, oňa Russiýanyň döwlet ýolbaşçylary uly goldaw berdi.

Şeýlelikde, «Göwher kebelek» kino baýragynyň gowşuryluş dabarasy 27-nji noýabrda Nikita Mihalkowyň «12» ussahanasynda geçirildi. Baýraklaryň çarçuwasynda dünýä kinematografiýasyna goşandy üçin diýen baýragy-da goşmak bilen, on iki baýrak gowşuryldy. Ýeňijiler bilermenler geňeşiniň ses bermegi arkaly kesgitlendi.

Russiýa Federasiýasynyň medeniýet ministri Olga Lýubimowa ilkinji Ýewraziýa kino baýragy bolan «Göwher kebelek» baýragynyň ýeňijilerini sylaglady.

Türkmenistan döwletimiz üçin esasy üstünlik bolsa «Kompozitor» filminiň "Iň gowy suratkeş" ugru boýunça baýraga mynasyp bolmagy bilen tapawutlandy. Bu dabaraly çärede filmiň suratkeşi Meýlis Hudaýberenow degişli baragy aldy. Bu üstünlik türkmen kinorežissýorlarynyň ussatlyk derejesiniň ýokarydygyny we olaryň ýewraziýa medeni giňişliginiň ösdürilmegine goşýan goşandyny görkezýär.

Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin hem öz gezeginde bu baýramçylyk dabarasynyň myhmanlaryna gutlag hatyny iberdi. Dabarada Wladimir Putiniň gutlag hatyny kömekçisi Wladimir Medinskiý okady.

Bäsleşige dürli ýurtlardan: Russiýadan, Hytaýdan, Türkiýeden, Gyrgyzystandan, Täjigistandan, Türkmenistandan, Özbegistandan, Serbiýadan, Wenesueladan, Kubadan, Senegaldan, Günorta Afrikadan, Pakistandan, Belarusdan, Indoneziýadan, Wýetnamdan, Eýrandan we beýleki ýurtlardan jemi 34 film gatnaşdy.

**ŞONUŇ NETIJESINDE:**

**Iň gowy film:** Hytaýly režissýor Sýuý Çżeniň "Akymyň garşysyna" filmi

**Iň gowy režissýor:** serbiýaly Goran Radowanowiç

**Iň gowy erkek keşp:** Aleksandr Adabaşýan

**Iň gowy aktrisa:** Swetlana Krýuçkowa

**Iň gowy ikinji derejeli aktýor:** Anwar Kartaýew (Özbegistan)

**Iň gowy ikinji derejeli aktrisi:** Sone Huseýn

**Iň gowy operator:** Talant Akynbekow (Gyrgyzystan)

**Iň gowy ssenariý:** Kerol Şor (Günorta Afrika Respublikasy)

**Iň gowy kompozitor:** Ýuriý Poteenko (Belarus)

**Ýewraziýa giňişligine girmeýän ýurtlar boýunça iň gowy film:** "Ali Primera" (Wenesuela)

**Dünýä kinematografiýasyna goşan goşandy üçin:** režissýor Majid Majidi (Eýran).

# Türkmenistan Stambulda "Halal Expo 2025" sergisine gatnaşdy

**Türkiýäniň Stambul şäherinde "Halal Expo 2025" atly halkara sergisi geçirildi. Dünýäniň dürli ýurtlaryndan halal önümlerini hödürleýän öndürijileri, telekeçileri we maýa goýujylary birleşdirýän bu çäre giň gerimli işewür meýdança bolup çykyş edýär.**



**Sergä Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň hem-de Türkmenistanyň Senagatçylar we Telekeçiler birleşmesiniň wekilleri gatnaşyp, ýurdumyzyň halal önümlerini, söwda-ykdysady ulgam boýunça gazanan üstünliklerini tanyşdyrýan maglumatlary we sergi önümlerini görkezdiler.**

**Bu çäräniň çäklerinde hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdirilen duşuşyklara, işewür çärelere gatnaşmak, şeýle-de halkara bazarlarynda täze hyzmatdaşlyk mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak meýilleşdirilýär.**

**Serginiň dowamynda gatnaşyjylar täze taslamalar bilen tanyşmaga, tejribe alyşmaga hem-de köpugurly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge mümkinçilik aldylar.**

# Dünýäniň iň kiçi aty rekordlar kitabyna girizildi

**Germaniýadan bolan Pumukkel atly at dünýäde iň kiçi at diýlip ykrar edildi. Bu kiçijik taý Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.**

**Pumukkel atyň boýy bary-ýogy 52,6 sm. Rekordlary hasaba alyjylarr onuň özüni on esse ulurak bolup biljek haýwan ýaly ynamly duýýandygyny belläp geçdiler. Öňki rekord Polşadan bolan Bombel atly ata degişli bolup, onuň boýy 56,7 sm. Pumukkel aty eýesi Karola Waýdeman bolup, bu taýjagazy özüniň athanasynda saklaýar. «Pumukkel maňa 2020-nji ýylyň oktýabr aýynda geldi. Şonda ol bary-ýogy bäş aýlykdy we, ynanýaňyzmy ýa-da ýok, onuň boýy bary-ýogy 47 sm (santi metr) we agramy 20 kg-dan geçmeýärdi öýdýän», – diýip Waýdemann belläp geçdi.**







# GDA ýurtlarynyň Liderleriniň resmi däl duşuşygy 21-22-nji dekabrda geçiriler

**G araşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň düzümine görýän döwletleriň Baştutanlarynyň her ýylyň ahyrynda resmi däl duşuşygyny geçirmek asylly däbe öwrüldi. Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň ýolbaşçylygynda bu resmi däl duşuşygy Russiýanyň demirgazyk paýtagty Sankt-Peterburg şäherinde geçiriler. Bu duşuşygyň 21-22-nji dekabrda geçirilmegi meýilleşdirilýär.**



**Bu barada Russiýanyň Prezidentiniň kömekçisi Ýuriý Uşakow žurnalistlere beren beýanatynda belläp geçdi.**

**Ol: "21-22-nji dekabrda Sankt-Peterburgda GDA-nyň Liderleriniň Täze ýyl öň ýanyndaky adaty resmi däl duşuşygy bolar. Bu resmi däl duşuşykdan başga-da, Ýewraziýa Ykdysady Geňeşiniň resmi mejlisi bolar" diýip belledi.**

**Mälim bolşy ýaly, 2026-njy ýylda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna Türkmenistan başlyklyk eder.**

# Tramp: Si Szinpin 2026-njy ýylda ABŞ-a döwlet sapary bilen geler

**ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin bilen geçiren telefon arkaly söhbetdeşligi barada beýanat berdi. Ol bu barada özüniň "Truth Social" jemgyýetçilik tory arkaly habar berdi.**

**"Men Hytaýyň Başlygy Si Szinpin bilen örän netijeli telefon arkaly söhbetdeşlik geçirdim. Biz köp sanly meseleleri, şol sanda sebit we halkara meselelerini, soýa we beýleki oba hojalyk önümleriniň eksportuny ara alyp maslahatlaşdyk. Oba hojalyk pudagynyň önüm öndürijileri üçin örän möhüm ylalaşyk baglaşdyk. Biziň Hytaý bilen gatnaşyklarymyz aýratyn berkeýär!" – diýlip, bellenilýär.**



**Trampyň aýtmagyna görä, bu telefon söhbetdeşligi üç hepde mundan ozal, Günorta Koreýada iki lideriň üstünlikli geçen duşuşygynyň dowamy boldy. Ol şondan bäri iki tarapyň ylalaşyklaryň degişli we takyk bolmagy üçin ep-esli öňegidişlik gazanandygyny nygtady.**

**"Indi biz umumy meselelere ünsi jemläp bileris. Şuňa laýyklykda, HHR-iň Başlygy Si Szinpin maňa aprel aýynda (2026-njy ýyl) Pekine sapara barmagy teklip etd, we men çakylygy kabul etdim. Men hem oňa jogap sapary amala aşyrmagy teklip etdim, ol şol ýylyň ahyrynda ABŞ-a döwlet sapary bilen meniň myhmanym bolar. Biz yzygiderli aragatnaşygyň möhümdigi barada ylalaşdyk we men muňa sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn" – diýip, Tramp sözüni jemledi**

# Hindistanyň meşhur aktýory Dharmendra aradan çykdy

Hindistanyň meşhur aktýory Dharmendra Mumbaý şäherinde 90 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Bu barada "PTI" agentligi onuň maşgalasyna salgylanyp habar berdi.

Kino sungatynda 60 ýyl işlän döwründe Dharmendra 300-den gowrak filmde surata düşdi. Ol ýurtda Raj Kapur we ýerli kinematografyň beýleki ýyldyzlary ýaly tanalýardy.





Dharmendra hindi filmleriniň "iň romantik we syrly gahrymany" hasaplanýardy. Ýerli metbugat onuň aradan çykmagy bilen hindi kinosynyň uly ýitgä sezewar bolandygyny belledi.

Dharmendra gatnaşmagyndaky iň soňky film 2025-nji ýylyň dekabrynda kinoteatrlarda görkezilmegine garaşylýardy.

Ol "Ali baba we kyrk garakçylar", "Ar alyş we kanun", "Ziwa we Gita" ýaly filmleri bilen dünýäniň köp ýurdunda tanalan aktýorlaryň biridir.

Hindistanyň ady rowaýata öwrülen aktýory "Filmfare Lifetime Achievement Award", "Padma Bhushan" (2012) we "National Film Award" ýaly Hindistanyň abraýly kino baýraklarynyň eýesidir.

Dharmendra Kewal Krişn Singh Deol 1935-nji ýylyň 8-nji dekabrynda doguldy. Onuň dogduk obasy Dangor obasydyr. Kakasy mekdep mugallymy bolup işläpdir.

Dharmendra 19 ýaşynda Parkaş Kaura bilen durmuş gurup, bu maşgalasyndan Sanni, Bobbi, Widjet we Ajit atly çagalary dünýä indi.

Dharmendra soňra özi ýaly meşhur hindi sungat işgäri Hema Malini bilen durmuş gurýar. Bu nikasyndan Eşa we Ahana atly gyzlary dünýä inýär.

Meşhur aktýoryň ogullary Sanni we Bobbi Deollar hem meşhur hindi aktýorlarydyr.

Dharmendra Bharatiýa Janata partiýasynyň agzasy bolup, 2004-nji ýylda parlamentiň agzalygyna saýlanypdy.

# Tramp emeli aňy çaltlandyrmak üçin "Genesis" missiýasyny işe girizdi

**ABŞ-nyň Prezident Donald Tramp ABŞ-da emeli aňy (AI) öwrenmek, işläp taýýarlamak we ylmy taýdan ulanmak boýunça işleri işjeňleşdirmek hakynda karara gol çekdi diýip, amerikan neşirleri habar berýär.**

**Emeli aň (AI) boýunça amerikan işläp taýýarlamalaryny goldamaga gönükdirilen täze "Genesis missiýasy" kararynda hasaplaýyş mümkinçiliklerini giňeltmek, giň federal maglumat bazalaryna elýeterliligi artdyrmak hem-de aýratynlykda ylmy ugurlarda emeli aňy netijeli amaly programmalara geçirmegi çaltlaşdyrmak boýunça birnäçe çäreler meýilleşdirilýär.**



**– "Genesis" missiýasy ylmy açyşlary ep-esli çaltlaşdyrar, milli howpsuzlygy berkidýär, energiýa babatda üstünligi üpjün eder, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrar we salgyt töleýjileriň gözleg we işlerdäki maýa goýumlarynyň getirijiligini birnäçe esse artdyrar – diýlip, kararda aýdylýar.**

**Hakyky dünýäni dogry beýan etmegi öwrenmek üçin, emeli aň ulgamyna ägirt uly maglumat toplumlary gerek. Prezident tarapyndan gol çekilen bu görkezme maglumat alyşmagyndaky päsgelçilikleri aradan aýyrmaga gönükdirilýär.**

**Kararda bellenilişine görä, hasaplaýyş mümkinçilikleriniň giňeldilmegi we maglumatlara elýeterliligiň ýokarlanmagy arkaly emeli aň 270 günüň dowamynda möhüm we amaly ylmy meseleleri çözmekde ulanylmalydyr. Şol ugurlara öňdebaryjy önümçilik we robototehnika, biotehnologiýalar, ýadro bölünişi we birleşmesi degişli.**

# FIFA we Saud Arabystany ösüp barýan ýurtlara ýeňillikli karz berer

Halkara futbol federasiýasy (FIFA) Saud ösüş gaznasy (SFD) bilen özara düşünişmäk hakyndaky Ähtnama gol çekdi. Bu resminama laýyklykda, ösüp barýan ýurtlara $1 milliard möçberinde ýeňillikli karzlar berler. Bu serişdeler stadionlaryň gurluşygyna we täzelenmegine, şeýle hem olaryň golaýyndaky infrastruktura gönükdiriler.




“Sportuň ykdysady we durmuş ösüşini höweslendirmekdäki mümkinçiliklerini açyp görkezmek maksady bilen Saud ösüş gaznasy (SFD) bilen FIFA ösüp barýan ýurtlarda stadionlary hem-de zerur infrastruktura desgalaryny gurmak we täzeden dikeltmek üçin $1 milliard möçberinde ýeňillikli karz bermek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekdiler” diýip, FIFA-nyň resmi saýtynda bellenilýär.

FIFA-nuň metbugat maglumatyna görä, sport pudagynyň dünýäniň JIÖ-siniň takmynan 2%-ine deň gelýändigi kesgitlenýär. Bu bolsa sporty iş orunlarynyň döredilmeginde, syýahatyň ösmeginde we ýerli jemgyýetleriň ösüşinde möhüm hereketlendiriji güýje öwürýär.

Şeýle hem dünýäde 211 sport assosiasiýasynyň bardygyna garamazdan, halkara derejesindäki sport desgalaryna eýe ýurtlar bilen şeýle mümkinçiligi bolmadyk ýurtlaryň arasynda uly tapawut bardygy bellenilýär.

FIFA bilen SFD-niň hyzmatdaşlygy halkara standartlaryna laýyk gelýän döwrebap, köp funksiýaly sport desgalarynyň taslamasyny düzmekde, maliýeleşdirmekde we gurmakda milli hökümetlere goldaw bermäge gönükdirilendir.

FIFA-nyň belleýşi ýaly, bu taslamalaryň işe girizilmegi täze iş orunlaryny döreder, ýerli telekeçiligiň ýagdaýyny gowulandyrar, jemgyýetiň agzybirligini güýçlendirer – ýaşlar üçin howpsuz, döwrebap okuw, türgenleşik we ýaryş meýdançalary dörediler.

# «Arkadag» topary “Andijan” bilen deňme-deň oýnady

«Arkadag» futbol topary AFK-nyň Çempionlar ligasy 2-niň toparçalaýyn tapgyrynyň bäşinji duşuşygyny geçirdi.

Arkadag şäheriniň futbol kluby özbek topary – «Andijan» bilen myhmançylykda duşuşdy.

«Bobur Arena» stadionynda geçirilen oýun 1:1 hasabynda tamamlandy.

Ilki bilen ýer eýeleri tapawutlandylar. Hüjümçi Akinade 63-nji minutda tapawutlandy. Ruhdan düşmedik ildeşlerimiz bu goldan soňra tapawutlanmagy başardy.

Şondan bäş minut soň bolsa türkmen topary jogap goluny geçirdi. Şamämmet Hydyrowyň geçiren pasyny hüjümçi Didar Durdyýew derwezä gönükdirdi.



Şeýlelikde, duşuşyk 1:1 hasabynda deňlikde jemlendi.

Jemleýji – altynjy tapgyrda bolsa «Arkadag» futbol kluby Bahreýniň «Al-Haldiýa» kabul eder. Duşuşyk 24-nji dekabrda geçiriler.

# Awstraliýada 16 ýaşdan kiçi çagalar üçin jemgyýetçilik torlar gadagan edildi

Awstraliýanyň hökümeti 10-njy dekabrdan başlap, jemgyýetçilik torlaryny 16 ýaşdan kiçi ulanyjylar üçin öz platformalaryna girmäge doly ýapmak üçin “düýpli çäreleri” durmuşa geçirmäge borçly etdi.

Bu barada “BBC” neşiri habar berýär. Bu ugurda “Facebook”, “Instagram”, “Snapchat”, “Threads”, “TikTok”, “X”, “YouTube”, “Reddit”, şeýle hem “Kick” we “Twitch” ýaly torlar bu ugra degişli bolar.



Çagalaryň häzirki hasaplary pozulmaly ýa-da işjeňligi ýatyrylmaly. Bu ýurt dünýäde şeýle berk gadaganlyk kabul edilen ilkinji ýurt boldy we bu başlangyç köp sanly ene-ata tarapyndan goldanylýar.

Hökümet sosial torlaryň çagalar üçin düýpli howplary döredýändigini düşündirýärler: platformalar ekranlaryň öňünde has köp wagt geçirmäge itergi berýär, bu bolsa ýetginjekleriň saglygyna we duýgy ýagdaýyna ýaramaz täsir edýär.

Ýylyň başynda hökümetiň tabşyrygy bilen geçirilen gözleg 10-15 ýaşly çagalaryň 96% -iniň sosial torlary ulanýandygyny we olaryň 70% -iniň zyýanly mazmun bilen ýüzbe-ýüz bolandygyny görkezdi.

Şeýle hem, geljek ýyldan başlap, Malaýziýa çagalary goramak üçin sanly gurşawa gözegçiligi güýçlendirýän ýurtlaryň mysalyna eýerip, 16 ýaşdan kiçi ulanyjylaryň sosial torlarda hasaba durmagyny gadagan etmegi meýilleşdirýär.

Şeýle hem Niderlandlaryň hökümeti 15 ýaşa çenli çagalara we ýetginjeklere “TikTok” we “Instagram” ýaly sosial torlary ulanmagy gadagan etmegi, çagalaryň ykjam enjamlaryň başynda geçirýän wagtyny berk çäklendirmegi maslahat berdiler.

# BMG-de täze Baş sekretary saýlamak işi başlandy

BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi we Baş Assambleýasy bilelikdäki hat taýýarlap, Bütindünýä guramasynyň täze Baş sekretaryny saýlamak işine badalga berdiler.

Bu resminamany noýabr aýynda Howpsuzlyk Geňeşiniň başlyklygyny ýerine ýetirýän Sýerra-Leonanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň metbugat gullugy ýaýratdy.

Bilelikdäki hatda Bütindünýä guramasy döredileli bäri onuň ýolbaşçysy wezipesine aýal maşgalanyň saýlanmandygynyň bellenilip geçilip, şonuň üçin agza döwletlere zenanlary dalaşgär hökmünde hödürlemäge çynlakaý seretmek maslahat berilýändigi aýdylýar.

Resminamada ýene-de: “Biz Baş sekretary saýlamakda sebitleriň köpdürliliginiň ähmiýetini belleýäris” diýilýär.

BMG-niň Baş sekretary wezipesine dalaşgär guramanyň agza döwletleri tarapyndan hödürlenilýär, her bir döwletiň diňe bir dalaşgäri hödürlemäge haky bar. Dalaşgäri hödürlemek üçin döwletler degişli haty Howpsuzlyk Geňeşiniň we Baş Assambleýanyň başlyklaryna iberýärler.

Dalaşgärler öz gezeginde guramanyň ösüşi barada öz garaýyşlaryny, şeýle hem öz girdeji çeşmelerini görkezmelidirler. Eger dalaşgär BMG-niň gurluşynda işleýän bolsa, hatda bellenilişi ýaly, ol “bähbitler gapma-garşylygynyň öňüni almak üçin saýlaw kampaniýasynyň dowamynda BMG-däki işini togtatmagy göz öňünde tutmaly”.



Baş sekretary gös-göni saýlamak prosesini geljek ýylyň iýul aýynyň ahyryna meýilleşdirilýär.

Häzirki wagtda Bütindünýä guramasynyň ýolbaşçysy wezipesi ugrunda göreşmäge isleg bildirýän iki dalaşgär bolar. Olar – Halkara Atom energiýasy Agentliginiň ýolbaşçysy Rafael Grossi we BMG-niň Söwda we Ösüş boýunça Konferensiýasynyň Baş sekretary Rebekka Grinspan.

BMG-niň häzirki Baş sekretary Antoniu Guterrişiň ygtyýarlyklary 2026-njy ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýar.

# “FIFA 2026” dünýä çempionatyna ilkinji 2 million bilet satyldy

Dünýäniň 200-den gowrak ýurdundan janköýerler “FIFA 2026” futbol boýunça taryhy we iň giň gerimli dünýä çempionatyna bilet aldylar. Biletleriň 2 milliony satyldy.

FIFA-nyň maglumatlaryna görä, deslapky satuw tapgyrynda iň köp bileti ýaryşy kabul ediji ýurtlaryň – ABŞ-nyň, Kanadanyň we Meksikanyň janköýerleri satyn aldylar. Olardan soň iň köp bilet alanlar Angliýanyň, Germaniýanyň, Braziliýanyň, Kolumbiýanyň, Ispaniýanyň, Argentinanyň we Fransiýanyň ýaşaýjylary boldular.



Biletleriň indiki satuw tapgyry 11-nji dekabrda bije çekmek dabarasyndan soň, FIFA-nyň resmi web sahypasynda başlar.

FIFA 2026 Dünýä çempionaty 2026-njy ýylyň 11-nji iýunyndan 19-njy iýuly aralygynda geçiriler we taryhda ilkinji gezek 48 topary kabul eder (häzirlikçe 42 ýurduň gatnaşmagy kepillendirildi). Bu bolsa, ýaryşy dünýä futbolynyň taryhyndaky iň giň gerimli çärä öwürip, dünýäniň ähli künjeginden köp sanly toparlara we janköýerlere çempionata gatnaşmaga mümkinçilik berer.

# BMG: dünýäde internet ulanyjylarynyň sany 6 milliarddan geçdi

Bir ýylyň dowamynda 240 milliondan gowrak adam global tora birikdi we häzirki wagtda planetanyň ilatynyň alty milliard töweregi, ýagny dünýäniň ähli ilatynyň dörtden üç bölegi aragatnaşygyň bu ulgamyndan peýdalanýar.

Bu barada internet ulanyjylarynyň sanynyň haýran galdyryjy derejede artýandygyny belläp, şol bir wagtyň özünde sanly aýratynlyklaryň çuňlaşýandygyny görkezýän Halkara Elektrik Aragatnaşyk Birleşiginiň (HEAB) hasabatynda aýdylýar diýip, BMG-niň metbugat gullugy habar berýär.



Şeýle-de bolsa, guramanyň maglumatlaryna görä, 2,2 milliard adam sanly giňişlikden daşda galýar, bu bolsa ähli umumy we deňhukukly sanly elýeterliligi üpjün etmekdäki meseläniň gerimini nygtaýar diýip, beýanatda habar berilýär.

cmyk